# Umma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Umma UMMA



Uzak ýoly geçip geldiñ şu güne,
Argyndygyñ bildirýär-ä gözüñden.
Gutarma ýok ýalançynyñ gamyna,
Hernä Hudaý paý beripdir dözümden.
Ýogsam bu dertlere çydar ýalymy,
Birde gülüp, birde aglap geçmeli.
Indi her gün ýada düşýän ölümi,
Üýşendirip tüpeñ deýin göçmeli.

Goý, ölüm utansyn biparhlygyñdan,
Ýanaşmasyn bu golaýda ýanyña.
Içen ýaly diriligiñ meýinden,
Joşgun ýaýlyp gitsin şirin janyña.

Şol joşgunyñ bady kiparlap barýan
Gopgunly ruhumda çalsyn gopuzy.
Ýaşamak islärdim şu heñi diñläp,
Berilse ýene bir 39-y.

Arman, takatym ýok soñuna çenli
Käşgä…
ýöne…
welin…
emmalaryña.
Ýaýdanman gideli däli köñülleñ,
Argynlygñy syljak ummalaryna.

29.03.2023 ý. Goşgular